# Güneş saña nurun ýapypdyr serpaý

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Güneş saña nurun ýapypdyr serpaý GÜNEŞ SAÑA NURUN ÝAPYPDYR SERPAÝ

Maý,
Maý,
Maý,
Baýramlara baý
bu aý.
Biziñ ýüreklerde tapypdyr ol jaý.
Ine, ýene geldi güler ýüzli Maý,
Şatlygny nur edip seçip barýar paý.

Baýdaklar parlaýar
köçelermizde.
Çykdy bu gün köçä
gojalarmyz-da
Barýarlar eneler,
barýar gelinler
Çykdy bu gün
köçä kiçilermiz-de.

Ýene ýatlamalar,
ýene pikir-oý.
Başymyz sypaýar eli gülli Maý.
Biz bagt tapýarys mydam bu aýda.
Biz beýik Ýeñişe ýetipdik Maýda.

Döşlerde ordenler
hem-de medallar,
Biziñ weteranlar –
biziñ merdanlar,
Göterip ýürekde şatlygny Maýyñ,

Hatarlara bezeg berip barýarlar.

Ýene ýatlamalar,
ýene pikir-oý.
Şanly senelerden doludyr bu aý.
Ýüz altmyş ýyl ozal beýik genini –
Marksy-da dünýä beripdir şu Maý.

Dynçlygyñ-dostlugyñ baýramydyr Maý,
Joşdyrýar ýüregi deprekdir surnaý.
«Ýaşasyn…»
«Ýaşasyn, eli gülli Maý!»
Hoş niýetli sözden dolýar bu howa.

Bu gün iñ kiçijik obalarda Maý,
Bu gün uly-uly şäherlerde Maý,
Baýramyñ şanyna çykyşyp tansa,
Ýigitler hem gyzlar gurap barýar aý.

Şatlygyma mydam şatlyk gatanym,
Gülle sen, Watanym,
Joş sen, Watanym,
Bu gün gujagyñda eli gülli Maý.
Günem saña nurun ýapypdyr serpaý.

1978 ý.

Şadurdy ÇARYGULYÝEW. Goşgular